Taryhy çeşmelerden belli bolşy ýaly, b. e. çenli IV asyryň ahyrlarynda Yrakda Şumerleriň döwleti döreýär. Şumerler kagyzyň deregine palçykdan ýasalan esbaby, galamyň ýerine bolsa – taýajygy ulanypdyrlar. Şeýlelikde olarda ýazuw (klinopis) döräpdir. Taryhdan belli bolşy ýaly, Şumerler döwletiniň ýykylmagy bilen, olar özbaşdaklygyny ýitirýärler we wawilionlar bilen garyşýarlar. Şol döwürde şumerwawilion medeniýeti ösüpdir.
Matematika gadymy Wawilonda biziň eramyzdan öň döräpdir. Wawilon diýip biziň eramyzdan öň 2000–nji ýyldan 200-nji ýyla çenli döwürde Tigr we Ýewrat derýalarynyň aralygynda ýerleşen döwletleriň toplumy atlandyrlypdyr. Bu döwletlerden biziň günlerimize gelip ýeten (Gadymy Wawilonlylaryň) 44 sany matematika boýunça işleri dürli ýurtlaryň muzeýlerinde saklanylýar. Ol işler palçykdan edilen plitkalaryň ýüzüne ýazylypdy.




Hasaplama ýazylan wawilon tablisasy.
Wawilonlylaryň klinopis ýazgylarynyň köp mukdary (500000–den köprägi, olardan 400 töweregi matematika bilen baglanşyklydyr) biziň günlerimize gelip ýetipdir.
Şonuň üçin biz Wawilon döwletiniň alymlarynyň matematikadaky üstünlikleri barada ýeterlik düşünjeler alyp bilýäris.
Wawilonlylaryň medeniýetiniň (klinopis ýazgylary, hasaplamagyň usulýeti we ş.m.) köp babatda şumerlerden miras galandygyny bellemelidiris. Wawilon matematiki tekstlerinde meseleler çözülende ulanylýan hasaplaýyş tärleri müsürlileriňkä garanyňda has kämil bolup, çözülýän meseleleriň sany has köpdir. Matematiki tekstlerde ikinji derejeli deňlemeleri, geometriki progressiýany çözmeklige degişli meseleler bar. Ol meseleleri

Все права защищены

çözmekde proporsiýalar, orta arifmetik baha, prosentler ulanylypdyr. Progressiýalary işlemek usullary hem müsürlilere garanyňda has kämildir. Matematiki tekstlerde kub deňlemeleri, çyzykly deňlemeleri çözmekde geometrik adalgalar ( ab köpeltmek hasyly meýdan, abc — göwrüm we ş.m. diýlip atlandyrylypdyr) ulanylypdyr.

**Aşyrmämmet ALÇEKOW**
**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň uly mugallymy**

Все права защищены
save pdf date >>> 23.11.2024